ТЕРМИЗ ДАВЛАТ УНИВЕРСИТЕТИ

PHILOLOGICAL RESEARCH: LANGUAGE, LITERATURE, EDUCATION

FILOLOGIK TADQIQOTLAR: TIL, ADABIYOT, TA’LIM

ФИЛОЛОГИЧЕСКИЕ ИССЛЕДОВАНИЯ: ЯЗЫК, ЛИТЕРАТУРА, ОБРАЗОВАНИЕ

Илмий-инновацион журнал

Jurnal OAK Rayosatining 2022-yil 30-sentabrdagi 325/6-son qarori bilan filologiya fanlari bo‘yicha doktorlik dissertatsiyalari asosiy ilmiy natijalarini chop etish tavsiya etilgan ilmiy nashrlar ro‘yxatiga kiritilgan

2021-yildan buyon nashr etiladi

2026/ № 1. 1-2

Termiz – 2026

Muassis:
Termiz davlat universiteti

PHILOLOGICAL RESEARCH: LANGUAGE, LITERATURE, EDUCATION

FILOLOGIK TADQIQOTLAR: TIL, ADABIYOT, TA'LIM

ФИЛОЛОГИЧЕСКИЕ ИССЛЕДОВАНИЯ: ЯЗЫК, ЛИТЕРАТУРА, ОБРАЗОВАНИЕ

ILMIY-INNOVATSION JURNAL

O'zbekiston Respublikasi Prezidenti Administratsiyasi huzuridagi Axborot va ommaviy kommunikatsiyalar agentligi tomonidan 2020 yil 19 oktyabrda 1122 raqami bilan ro'yxatga olingan. Matnlarda foydalanilgan misol, ko'chirma va ma'lumotlar aniqligi uchun mualliflar javobgardir. Jurnaldan ko'chirib bosilganda manba qayd etilishi shart.

Bosishga ruxsat etildi: 12.03.2026
Qog'oz bichimi: 70x85
Bosma tabog'i: 5.94
Ofset bosma. Ofset qog'ozi
Adadi: 100
Bahosi kelishilgan narxda
Buyurtma: 155-son

«TerDU bosmaxonasi»da chop etildi
Termiz shahri, Barkamol avlod ko'chasi, 43-uy

Tahririyat manzili:
190111, Termiz shahri,
Barkamol avlod ko'chasi, 43.
Telefon: +998762231649

E-mail:
philologicalresearch@umail.uz

Rasmiy sayt:
https://journaltersu.uz

BOSH MUHARRIR:
Abduqodir TOSHQULOV,
iqtisodiyot fanlari doktori, professor

TAHRIR HAY'ATI:

Bekpo'lat Umurqulov, filologiya fanlari doktori, professor (bosh muharrir o'rinbosari)
Shoxista Maxmaraimova, filologiya fanlari doktori, professor (mas'ul muharrir)
O'ral Xoliyorov, f.f.f.d. (PhD), dotsent (O'zbekiston)
Olmos Ulviy Binnatova, f.f.d., professor (Ozarbayjon)
Karl Rayxl, f.f.d., professor (Germaniya)
Vali Savash yelok, f.f.d., professor (Turkiya)
Dorota Silviya, f.f.f.d. (PhD), dotsent (Polsha)
Zabita Mahammad qizi Teymurlu, filologiya fanlari bo'yicha falsafa doktori, dotsent (Ozarbayjon)
Tarana Imomverdi qizi Xojieva, filologiya fanlari doktori, professor (Ozarbayjon),
Muslihiddin Muhiddinov, f.f.d., professor (O'zbekiston)
Ibodulla Mirzayev, f.f.d., professor (O'zbekiston)
Abdi Mamatov f.f.d., professor (O'zbekiston)
Suyun Karimov f.f.d., professor (O'zbekiston)
Muhammadxon Hakimov, f.f.d., professor (O'zbekiston)
Nafas Shodmonov f.f.d., professor (O'zbekiston)
Dilmurod Quronov, f.f.d., professor (O'zbekiston)
Murodqosim Abdiyev, f.f.d., professor (O'zbekiston)
Baxtiyor Mengliyev, f.f.d., professor (O'zbekiston)
Normat Yo'ldoshev, f.f.d., dotsent (O'zbekiston)
Baxtiyor Xolmuxamedov, f.f.d., dotsent (O'zbekiston)
Bobonazar Murtazayev, f.f.n., dotsent (O'zbekiston)
Asqar Eshmo'minov, f.f.d., professor (O'zbekiston)
Obidjon Shofiyev, f.f.f.d. (PhD), dotsent (O'zbekiston)
Zafar Umurqulov, f.f.d., dotsent (O'zbekiston)
Nurali Amonturdiyev, f.f.f.d. (PhD) (O'zbekiston)
Hakim Ahmedov, f.f.f.d., dotsent (O'zbekiston)
Abdulla Xudoyqulov, f.f.f.d., dotsent (O'zbekiston)
Ahad Shukurov, f.f.f.d., dotsent (O'zbekiston)
Eshnazar Jabborov, f.f.f.d., dotsent (O'zbekiston)
Abdumurod Arslonov, f.f.f.d., dotsent (O'zbekiston)
Sirojiddin Turdimurodov, f.f.f.d., dotsent (O'zbekiston)
Umida Raximova, f.f.f.d. (PhD) (O'zbekiston)
Gulchehra Begmatova, f.f.f.d. (PhD) (O'zbekiston)
Nargis Qurbonazarova, f.f.f.d., dotsent (O'zbekiston)
Muyassar Xolova, f.f.f.d., dotsent (O'zbekiston)
Shoira Omonturdiyeva, f.f.d., dotsent (O'zbekiston)
Sherzod Turdiqulov, f.f.f.d. (PhD) (O'zbekiston)
Alibek Omonturdiyev, f.f.f.d. (PhD) (O'zbekiston)
Humayun Nadim Muhammad, f.f.f.d., dotsent (O'zbekiston)

Texnik muharrir: Bahodir To'raliyev

Учредитель:
Термезский государственный университет

PHILOLOGICAL RESEARCH: LANGUAGE, LITERATURE, EDUCATION

FILOLOGIK TADQIQOTLAR: TIL, ADABIYOT, TA'LIM
ФИЛОЛОГИЧЕСКИЕ ИССЛЕДОВАНИЯ: ЯЗЫК, ЛИТЕРАТУРА, ОБРАЗОВАНИЕ

НАУЧНО-ИННОВАЦИОННЫЙ ЖУРНАЛ

Зарегистрировано Агентством информации и массовых коммуникаций при Администрации Президента Республики Узбекистан от 19 октября 2020 года под номером 1122.

Авторы несут ответственность за точность приведенных в текстах примеров, отрывков и данных. Необходимо указывать источник при копировании из журнала.

Разрешено к печати: 12.03.2026
Размер бумаги; 70x85
Печатный лист: 5.94
Офсетная печать: Офсетная бумага
Тираж: 100. Цена договорная
Заказ: 155

Печатано в «Типографии ТерГУ»
ул. Баркамол авлод 43, г. Термез

Адрес редакции:
190111, г.Термез, ул. Баркамол авлод, 43.
Телефон: +998762231649

E-mail:
philologicalresearch@umail.uz

Официальный сайт:
https://journaltersu.uz

ГЛАВНЫЙ РЕДАКТОР:
Абдукадир ТАШКУЛОВ,
доктор экономических наук, профессор

РЕДАКЦИОННАЯ КОЛЛЕГИЯ:

Бекпулат Умуркулов, доктор филологических наук, профессор (зам. главного редактора)
Шохиста Махмараимова, доктор филологических наук, профессор (ответственный редактор)
Урал Холияров, д.ф.ф.н. (PhD), доцент (Узбекистан)
Олмос Улвий Биннатова, д.ф.н., профессор (Азербайджан)
Карл Райхл, д.ф.н., профессор (Германия)
Вали Саваш Елок, д.ф.н., профессор (Турция)
Дорота Сильвия, PhD, доцент (Польша)
Забита Магомед кызы Теймурлу, доктор философии по филологии, доцент (Азербайджан)
Тарана Имамверди гызы Хаджиева, доктор наук, профессор (Азербайджан)
Муслихиддин Мухиддинов, д.ф.н., профессор (Узбекистан)
Ибодулла Мирзаев, д.ф.н., профессор (Узбекистан)
Абди Маматов, д.ф.н., профессор (Узбекистан)
Суюн Каримов, д.ф.н., профессор (Узбекистан)
Мухаммадхон Хакимов, д.ф.н., профессор (Узбекистан)
Нафас Шодмонов, д.ф.н., профессор (Узбекистан)
Дилмурод Куронов, д.ф.н., профессор (Узбекистан)
Мурадкасим Абдиев, д.ф.н., профессор (Узбекистан)
Бахтиёр Менглиев, д.ф.н., профессор (Узбекистан)
Нормат Юлдашев, д.ф.н., доцент (Узбекистан)
Бахтиёр Холмухамедов, д.ф.н., доцент (Узбекистан)
Бобоназар Муртазаев, к.ф.н., доцент (Узбекистан)
Аскар Эшмуминов, д.ф.н., профессор (Узбекистан)
Обиджон Шофиев, д.ф.ф.н. (PhD), доцент (Узбекистан)
Зафар Умуркулов, д.ф.н., доцент (Узбекистан)
Нурали Амонтурдиев, д.ф.ф.н. (PhD) (Узбекистан)
Хаким Ахмедов, д.ф.ф.н., доцент (Узбекистан)
Абдулла Худайкулов, д.ф.ф.н., доцент (Узбекистан)
Ахад Шукуров, д.ф.ф.н., доцент (Узбекистан)
Эшназар Джаббаров, д.ф.ф.н., доцент (Узбекистан)
Абдумурод Арслонов, д. ф.ф.н., доцент (Узбекистан)
Сирожиддин Турдимуродов, д. ф.ф.н., доцент (Узбекистан)
Умида Рахимова, д.ф.ф.н. (PhD) (Узбекистан)
Гульчехра Бегматова, д.ф.ф.н. (PhD) (Узбекистан)
Наргис Курбаназарова, д. ф.ф.н., доцент (Узбекистан)
Муяссар Холова, д.ф.ф.н., доцент (Узбекистан)
Шаира Амонтурдиева, д.ф.н., доцент (Узбекистан)
Шерзад Турдикулов, д.ф.ф.н. (PhD) (Узбекистан)
Алибек Омонтурдиев, д.ф.ф.н. (PhD) (Узбекистан)
Хумаюн Надим Мухаммад, д.ф.ф.н., доцент (Узбекистан)

Технический редактор: Баходир Туралиев

Institutor:
Termez State University

PHILOLOGICAL RESEARCH: LANGUAGE, LITERATURE, EDUCATION

FILOLOGIK TADQIQOTLAR: TIL, ADABIYOT, TA'LIM

ФИЛОЛОГИЧЕСКИЕ ИССЛЕДОВАНИЯ: ЯЗЫК, ЛИТЕРАТУРА, ОБРАЗОВАНИЕ

SCIENTIFIC-INNOVATIONAL JOURNAL

Registered by the Agency for Information and Mass Communications under the President's Administration of the of the Republic of Uzbekistan on October 19, 2020 under number 1122.

The authors are responsible for the accuracy of the examples, passages and data provided in the texts. The source must be specified when copying from the journal.

Approved for printing: 12.03.2026
Size of the paper: 70x85
Printed sheet: 5.94. Offset printing.
Offset paper. Circulation: 100
Price is negotiable
Order: 155. Printed at the «Printing House of the TerSU»
43, Barkamol avlod str. Termez city.

Address of Editorial Office:
190111, Barkamol avlod str., 43,
Termez city.
Phone: +998762231649

E-mail:
philologicalresearch@umail.uz

Official website:
https://journaltersu.uz

EDITOR IN-CHIEF:
Abdukodir TASHKULOV,
doctor of economic sciences, professor

EDITORIAL BOARD:

Bekpulat Umurkulov, doctor of philological sciences, professor (Uzbekistan) (deputy chief editor)
Shohista Makhmaraimova, doctor of philological sciences, professor (Uzbekistan) (editor-in-chief)
Ural Kholiyorov, Doctor of Philosophy in Philology, Associate Professor (Uzbekistan)
Olmos Ulviy Binnatova, doct.of philol. sciences, professor (Azerbaijan)
Karl Rayxl, doct.of philol. sciences, professor (Germany)
Vali Salvash Elok, doct. of philol. sciences, professor (Turkey)
Dorota Silvia, PhD, associate professor (Poland)
Zabita Magomed kyzy Teymurlu, Doctor of Philosophy in Philology, Associate Professor (Azerbaijan)
Tarana Imamverdi gizi Khadzhieva, Doctor of Sciences, Professor (Azerbaijan)
Muslihiddin Mukhiddinov, doct.of philol. sciences, professor (Uzbekistan)
Ibodulla Mirzaev, doct.of philol. sciences, professor (Uzbekistan)
Abdi Mmatov, doct.of philol. sciences, professor (Uzbekistan)
Suyun Karimov, doct.of philol. sciences, professor (Uzbekistan)
Muhammadkhon Khakimov, doct.of philol. sciences, professor (Uzbekistan)
Nafas Shodmonov, doct.of philol. sciences, professor (Uzbekistan)
Dilmurod Kuronov, doct. of philol. sciences, professor (Uzbekistan)
Muradkasim Abdiyev, doct. of philol. sciences, professor (Uzbekistan)
Bakhtiyor Mengliev, doct. of philol. sciences, professor (Uzbekistan)
Normat Yuldashev, doct. of philol. sciences, associate professor (Uzbekistan)
Bakhtiyor Kholmukhamedov, doct. of philol. sciences, associate professor (Uzbekistan)
Bobonazar Murtazaev, cand.of philol. sciences, associate professor (Uzbekistan)
Askar Eshmuminov, doct. of philol. sciences, professor (Uzbekistan)
Obidjon Shofiev, PhD, associate professor (Uzbekistan)
Zafar Umurkulov, doct. of philol. sciences, associate professor (Uzbekistan)
Nurali Amonturdiev, PhD (Uzbekistan)
Hakim Akhmedov, Doctor of Philosophy in Philology, Associate Professor (Uzbekistan)
Abdulla Khudaykulov, Doctor of Philosophy in Philology, Associate Professor (Uzbekistan)
Ahad Shukurov, Doctor of Philosophy in Philology, Associate Professor (Uzbekistan)
Eshnazar Jabbarov, Doctor of Philosophy in Philology, Associate Professor (Uzbekistan)
Abdumurod Arslonov, Doctor of Philosophy in Philology, Associate Professor (Uzbekistan)
Sirojiddin Turdimurodov, Doctor of Philosophy in Philology, Associate Professor (Uzbekistan)
Umida Rakhimova, Doctor of Philosophy in Philology (Uzbekistan)
Gulchekhra Begmatova, Doctor of Philosophy in Philology (Uzbekistan)
Nargis Kurbanazarova, Doctor of Philosophy in Philology, Associate Professor (Uzbekistan)
Muyassar Kholova, Doctor of Philosophy in Philology, Associate Professor (Uzbekistan)
Shoira Omonturdiyeva, doct. of philol. sciences, associate professor (Uzbekistan)
Sherzod Turdikulov, Doctor of Philosophy in Philology, Associate Professor (Uzbekistan)
Alibek Omonturdiev, Doctor of Philosophy in Philology (Uzbekistan)
Humayun Nadim Muhammad, Doctor of Philosophy in Philology, Associate Professor (Uzbekistan)

Technical editor: Bakhodir Turaliyev

МУНДАРИЖА

TILSHUNOSLIK

PARDAYEV AZAMAT BAXRONOVICH
So‘zning lingvistik tabiati xususida 7

HAMIDOVA MUHAYYOXON OBIDOVNA
Shukur Xolmirzayev nasrida milliy mentalitetning badiiy talqini 11

ABDURAXMONOV XUDOYNAZAR ABDIRAYIMOVICH
Mavhum otlarning kognitiv-semantik va diskursiv xususiyatlari:
zamonaviy tilshunoslik yondashuvlari asosida tahlil 16

ASADOV TO‘LQIN HAMROYEVICH
Predmet-belgi ma’noli ayrim morfologik oraliq so‘zlarning qiyosiy-tarixiy tavsifi 22

G‘AYBULLAYEVA DILDORA FAYZULLA QIZI
O‘zbek tilidagi insonning fizik xususiyatlarini
ifodalovchi frazeonimlarning semantik-stilistik tahlili 26

NASHIROVA SHAXNOZA BURIYEVNA
Ikki tilli lug‘atlar: nazariy asoslar va tarixiy yondashuv 29

NORKUZIYEVA DILDORA
Til tizimiga kiritilgan zoonim va zoomorfizmlarning
qiyosiy tipologik tadqiqotlardagi tahlili 33

ERGASHEVA DILRABO ALLANAZAROVNA
Epitet – badiiy matnni obrazli ifodalovchi vosita 38

AVEZOVA GULNOZA KAMILOVNA
Komil Avazning nasriy asarlarida dialektizmlarning qo‘llanilishi
(«Sozanda» romani misolida) 41

AMONOVA ZAMIRA
Nemis va o‘zbek tillarida destruksiyani ifodalovchi
fe’llarning metaforik qo‘llanilishi 44

NE’MATOVA O‘G‘ILOY AKRAM QIZI
«Maxzan ul-asror” dostonining badiiy-tasviriy
vositalari va uslubiy xususiyatlari 53

TUROBOVA MATLUBA RAXMATULLAYEVNA
Sun’iy intellekt tizimlarida o‘zbek tili leksikografik bazasini
shakllantirishning innovatsion usullari 56

KO‘CHIYEVA SHABNAM ISOMIDDIN QIZI
Tilshunoslikda disleksiya va disgrafiyaning
neyrolingvistik va psixolingvistik tadqiqi masalalari 60

OZADOVA MA’MURA ERGASHEVNA
Xorazm xalq qo‘shiqlari tilidagi manglay leksemasining lingvokulturologik va
lingvopoetik xususiyatlariga doir 63

МУНДАРИЖА

ALLAQULOVA SADOQAT AXMAT QIZI
O‘zbek tilining umumiy izohli lug‘atlarida etnoleksemalar berilishining qiyosiy tahlili 65

O‘RAZOV ALISHER DONIYOROVICH
O‘zbek tilida leksemaning semantik tabiati..... 68

JUMAYEVA KUMUSH TURSUNALIYEVNA
O‘zbek tili o‘zlashma qatlam somatik lesemalarida leksik tipologiya..... 72

MURODQULOVA IRODA SHAROFIDDINOVNA
Semurg‘ obrazining lingvomadaniy talqini (o‘zbek xalq dostonlari misolida)..... 76

ADABIYOTSHUNOSLIK

АСРОРОВ АКБАР, БОЛТАЕВ МАРДОН
Шоҳона сатрлар соҳиби – Султон Убайдий..... 80

SAMATOV SHOMAT, XO‘JANOVA OZODA
Buyuk shoir xotirasiga munosib haykal 85

ABDULLAYEV RAMAZON
Composing tatabbu‘ poetry in the time of Mu‘izzī and after him..... 88

JEPBAROWA SAÝAT KURBANMIRATOWNA,
EGENMURADOV ARZUV ANNAMIRATOVICH
Magtymguly Pyragynyň döredijilik äleminde möwlana Lutfynyň edebi poetik täsiri 93

ABDUXALIQOVA HILOLA G‘ULOM QIZI
XVIII–XIX asrlar o‘zbek dostonlarida tasavvufiy talqinlar 97

PAYG‘AMOVA SHIRIN JAKBARALI QIZI
Analitik folklorizmlarning poetik xususiyatlari 100

JAVLIYEV POYONBEK SHAVKAT O‘G‘LI
Usmon Azim nasrida lirik ohang..... 103

FERUZA RASULOVNA RASHIDOVA
The depiction of internal monologue as a form of artistic psychologism
in the novels of the Bronte sisters 106

TA’LIM

MASHARIPOVA NARGIZA OTAXONOVNA,
BAXRAMOVA MALIKA MUZAFFAROVNA
Sun’iy intellektli o‘yin yordamida inglizcha so‘z boyligini oshirish
(o‘zbek madaniyati asosida)..... 109

Filologik tadqiqotlar: til, adabiyot, ta'lim. 2026; 1-2
ISNN: 2181-1741 (Print)
ISNN: 2181-1725

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIK ÄLEMINDE MÖWLANA LUTFYNYŇ EDEBI POETIK TÄSIRI

Jepbarowa Saýat Kurbanmiratowna,
Berdak adyndaky Garagalpak döwlet uniwersiteti,
Türkmen dili we edebiýaty kafedrasy dosenti,
filologiýa ylymlary boýunça filosofiýa doktory

Egenmuradov Arzuv Annamiratovich,
Berdak adyndaky Garagalpak döwlet uniwersiteti,
birinji basgyç magistranty

Söz öwüşginini baýlaşdyran klassyk şahyrlaryň döredijilik gatnaşyklaryny öwrenmek milli edebiýat ylymynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Şol nukdaýnazardan seredilende, Magtymguly Pyragynyň poetik dünýägaraýşynyň kemala gelmeginde XV asyryň görnükli nusgawy şahyry Lutfynyň döredijilik tejribesiniň aýratyn ähmiýeti bar. Lutfynyň leksik-semantik serişdeleri giňden ulanmagy, liriki psihologizmi çuňlaşdyrmagy we ahlak-ruhy mazmuna baý poetiki gurluşy Magtymgulynyň öz döwrüne mahsus edebi-estetik ulgamyny döretmeginde çeşme hökmünde çykyş edýär. Şeýlelikde, iki nusgawy şahsyýetiň döredijilik arabaglanyşygy türkmen we umumy türki edebiýatynyň dowamlylygynyň hem-de ösüş logikasynyň möhüm mysaly bolup, olaryň aragatnaşyklarynyň ylmy taýdan seljermesi häzirki edebiýatşynaslygyň möhüm wezipeleriniň biridir.

Dünýä edebiýatynyň ösmeginde, her bir halkyň taryhynda jemgyýetçilik hem medeni durmuşynda özüniň "öçmez yz" galdyran çeper söz ussatlary bar. Olar özleriniň ömrüni we döredijiligini hemişe halkyň derdi bilen baglanyşdyrany üçin hem beýikdirler[1].

Türkmen halkynyň özenini bir ýere jemlemegi, hemişe agzybirligi we parahatlygy arzuwlan, halkyň ylym-bilim derejesini, dünýewi biliminiň has-da artmagyna sebäpçi bolan beýik akyldar Magtymguly Pyragydyr.

Dünýä edebiýatynda türkmenler barada söz açylanda ilkinji agzalýan beýik çeper söz ussady Magtymguly Pyragy, onuň döreden şygyr sungatynda ynsan ýaşaýyş durmuşunyň syrlary jemlenen. Şahyryň bu berlen çäklije ömrüňi diňe ýagşy amallar bilen bezemelidigi hakynda, şygyrlarynyň her birinde, her setirinde ýagşylyk tarapa ugrukdyryjy ynsan häsiýetleriniň jemlenmegi, türkmen şygyr sungatynda täzeçe ýol döretdi we ol ýol arkaly beýleki şahyrlaryň döredijiliklerinde hem iň uly kömekçi boldy.

Edebi-çeper pikirlenmäniň ösüş etaplarynyň dowamynda her bir milli edebiýatda kämil döredijilik şahsyýetleriniň peýda bolýandygy tebigydyr. Sözümiziň deliline Abdyrahman Jamynyň, Dehlewiniň, Sadynyň, Möwlana Lutfynyň, Meşrebiň, Hafyzyň, Bediliň, Nowaýynyň, Wagifiň, Fizulynyň, Nyzamynyň, Rumynyň, Magtymgulynyň, Abaýyň, Ajynyýaz, Berdagyň we başga-da ençeme edebiýat läheňleriniň atlaryny agzamak mümkin. Şunuň ýaly beýik şahsyýetleriň, akyldar şahyrlaryň orta gelmegi soňky asyrlarda türki halklar arasyndaky edebi gatnaşyklaryň ýaýrayyş yzygiderliligini şertlendiripdir.

Magtymguly şahyr Gündogar klassyklary Omar Haýýam, Nyzamy, Rumy, Nowaýy, Babyr we başga-da birnäçe akyldarlaryň atlaryny öz döredijiliginde giňişleýin peýdalanyp, olara "Ussat" diýip ýüzlenýär, "ýanynda Mežnun" bolmagy arzuw edýär[2].

Magtymguly Pyragy dürli ýurtlara eden syýahatlarynda şol ülkäniň özi bilen bir hatar we özünden öňki döwürlerde döredijilik eden şahyrlaryň durmuşy we eserleri bilen giňişleýin gyzyklanýar. Hat-da olaryň birnäçesini özüniň gaýybana halypasy hasap edýär. Olardan Gündogar edebiýatynyň iň uly wekilleriniň biri Lutfy hasaplanypdyr. Magtymgulynyň döredijiligindäki käbir şygyrlaryndaky tema we ideýa meňzeşlikleri, many-mazmun, forma taýdan kybapdaşlygynyň bar ekenligini hasaba alyp, Magtymgulynyň döredijilik älemine eden täsiriniň bardygy, Lutfynyň gazallaryny okap döredijilik älemini giňeldendigine göz ýetirmek bolar.

[1] Алламбергенова П. Қарақалпақ әдебиятында Мақтумқулы дәстурлери. (XIX әсир қарақалпақ әдебияты материаллары тийқарында). Монография. – Тошкент, 2025.

[2] XX әсир туркий лирикасынын формалар типологиясы. – Нөкис, 2019.

Türkmen edebi diliniň ösdürilmegine ep-esli goşant goşan Magtymgulynyň Lütfiniň türki dilde döredilen ajaýyp eserleri bilen tanyşdygy şübhesizdir. Özüniň döwründe esasan Nowaýy hem Lutfa uly sarpa goýup, onuň döredijiligini ýokary baha beripdir: «Möwlana Lutfi pars we türki dillerini bilmekde deňi taýy bolmadyk, öz döwründe dilewarlygyň patyşasy bolupdyr. Aýratyn-da ol türki şygyrlary bilen şöhrat gazandy»[1] diýip ýazýar.

Magtymgulynyň **«Ýar senden»** atly, sopuçylyk düşünjeleri bilen baglanyşykly goşgusynda-da Lutfynyň **«Gül we Nowruz»** poemasyna edilen salgylanma öz beýanyny tapýar.

Doga kylyp, elim göge galdyrsam,
Gül Ferhar dek gyzyl meňzim soldursam,
Gopuz alyp, beýik nagra çaldyrsam
Ýa reb, habar bilerinmi, ýar, senden!

Bu salgylanma, «Gül we Nowruz» poemasynyň gahrymanlarynyň ýesirlikden gaçyp, ýollarynda dürli kynçylyklara duçar bolup, horlanýan pursatlarynda «gül meňzini soldurylmagy» bilen ýüzbe-ýüz bolandygyny gürrüň berýär. Galyberse-de, «Gül we Nowruz» poemasy Magtymguly üçin diňe bir iki juwanyň romantiki söýgüsini beýan etmek bilen çäklenmän, Lutfynyň poemasyndaky dört patyşalygy birleşdirip ýeke-täk döwlet döretmek, özara uruşlary bes etmek ýaly aladalary hem şahyryň ünsüni özüne çekipdir. Muny aýtmak bolar, sebäbi şol bir syýasy ideýalar Magtymgulynyň eserlerinde hem giň gerimde öz beýanyny tapýar. Lutfynyň eserleriniň neşirine goşan sözbaşysynda, onuň döredijiligini içgin öwrenen alym E. R. Rustamow şeýle nygtaýar: «Lutfynyň gazallaryna XVI asyrda ýaşap geçen beýik lirik Muhammet Fizuly, türkmen klassyk poeziýasynyň düýbüni tutujy Magtymguly nezire ýazypdyrlar»[2] - diýip nygtamak bilen, Magtymgulynyň Lutfynyň döredijiligi bilen örän içgin gyzyklanandygyny ýene bir gezek aýdyň görkezýär.

Bu agzalan maglumatlary nazara alsak: Magtymgulynyň «Söýmüşem seni» atly goşgusynda Lutfynyň «Gül we Nowruz» poemasyna edilen salgylanma, bir tarapdan, «Hyrat lirikasynyň esasy wekili»[3] bolan Lutfynyň döredijiligine Magtymgulynyň uly hormat goýandygyny görkezýär; beýleki tarapdan bolsa, bu poemadaky ideýalar şahyryň öz döredijiligine ýakyn bolup, Magtymgulynyň okap öwrenen eserleriniň çäginiň giň we dürli meseleleri öz içine alýandygyny aýdyň görkezýär.

XIV–XV asyrlarda gadymy Horasanyň baş medeni ojaklarynyň biri hasaplanan Hyratda ömür sürüp, türkmen dilinde çeper poeziýanyň ilkinji ajaýyp nusgalaryny döredip giden Möwlana Lutfy hem-de türkmen halkynyň buýsanjy, beýik akyldar Magtymguly Pyragy ýaly şahsyýetleriň döredijiligine ýüzleneniňde, bu iki şahyryň öz döwrüniň medeni-ruhy ösüşine ýetirýän täsiriniň nähili uly bolandygy açyk görünýär. Henize çenli onuň ýaşan döwri hem-de döredijilik mirasy türkmen alymlary tarapyndan doly öwrenilmese-de, nusgawy şahyrlarymyzyň Lutfynyň döredijiligi bilen ýakyndan tanyş bolandyklary hem-de ondan döredijilik täsirini alandyklary mälimdir. Hususan-da, Magtymguly Pyragy ylahy söýgini wasp edýän goşgularynda öz ruhy duýgularyny Lutfynyň meşhur «Gül we Nowruz» dessanyndaky gahrymanlaryň joşgunly söýgüsi bilen deňeşdirýär. Şahyryň «Söýmüşem seni» atly goşgusynda-da bu meňzetme anyk şekilde öz beýanyny tapýar.

Aşyk Nowruz Gül-Ferhary
Söýen dek söýmüşem seni[4].

Bu gazalda agzalýan *Perhar* sözi köne döwürlerde Hytaý bilen Kaşgaryň arasynda ýerleşen bir uly welaýatyň adydyr. Ol ýer owadanlygy we aýratyn ajaýyp gözellikleri bilen tanalyp, şahyrlaryň ünsüni özüne çekipdir. Şonuň üçin hem «Perhar» sözi edebiýatda «owadan» ýa-da «görmegeý» diýen manyda hem ulanylyp gelipdir. Lutfynyň «Gül we Nowruz» dessanyndaky baş gahrymanlaryň biri bolan Gül – Perhar ülkesiniň şasy Müşginiň gyzydyr. Gadymy ýazuw çeşmelerinde bir şahsyýetiň gelip çykan ýerini görkezmek üçin, onuň adynyň yzyndan doglan ýa-da ýaşan ýeriniň adyny goşup ýazmak gadymy däp bolupdyr. Şu kadany nazara alanyňda, Magtymguly Pyragynyň «Gül-Perhar» diýip ulanyşynyň hem tötänden däldigi aýdyňlaşýar. Şahyr diňe Gülüň adyny ýatlamak bilen çäklenmän, onuň ýaşan ýerini-de nygtap, gahrymanyň şahsyýeti we gelip çykyşy baradaky çuňňur düşünjäni okyjynyň düşünmegi üçin çeper görnüşde beýan edipdir diýmek bolar.

Ikinji tarapdan seredeniňde, Lutfynyň gahrymanyny Perharly diýip görkezmegi, belki-de, bu welaýatyň owadan gözelleriň mekany hökmünde tanalandygy bilen baglanyşyklydyr. Magtymguly Pyragynyň «Gül-Perhar» diýmegi hem ähtimal, Gülüň owadanlygyny göz öňünde tutup, «perhar» sözüniň manysyny owadan, görmegeý, çeper görnüşinde ulanandyr.

Bu pikirleriň haýsysy dogry bolanda-da, aýdyň bir zat bar: Magtymguly Pyragynyň Lutfynyň döredijiligi bilen örän çuňňur tanyşdygy görünýär. Şahyryň Lutfynyň döredijiligine ýüzlenýän ýeri diňe

[1] Наваи А. Сочинения в десяти томах. – Ташкент: Фан, 1970. 9 том. – С. 55.
[2] Рустамов Э.Р. ЛутфиВ кн.: Лутфи. Лирика. Гуль и Навруз. – М., Издво худож. литры, 1961. – С. 910.
[3] Бертельс Е.Э. Избранные труды. Навои и Джами. – М., Наука, 1965. – С. 51.
[4] Magtymguly. Şygyrlar. – Aşgabat: Türkmenistan, 1992. 1nji tom. – C. 77.

bir «Gül-Perhar» mysaly bilen çäklenmän, beýleki goşgularynda hem aýdyň ýüze çykýar. Mysal üçin, Magtymguly «Ýar senden» atly şygrynda şeýle beýan edýär:

Doga kylyp, elim Göge galdyrsam,
Gül, Ferhar dek gyzyl meňzim soldursam[1].

- diýmek Magtymguly Gülüň yşky ýolunda başdan geçiren duýgularyna öz içki duýgulary bilen meňzeşlik berýär. Lutfynyň döredijiligi bilen şeýle içgin tanyş bolansoň, onuň eserleri hem Magtymgulynyň şygyrlaryna täsirini ýetiripdir. Bu iki şahyryň döredijiliginde pikir meňzeşligine we tematik baglanyşyklylyga ençeme mysal tapmak bolýar. Nakyllar, atalar sözleri we dana pikirler her şahyr tarapyndan öz usulynda işlenip, türkmen milli ruhunyň bitewiligini görkezýär. Başgaça aýtsak, Lutfy hem Magtymguly ýaly milli ruhly şahyrydygy aç-açan görünýär. Mysal üçin, «Ak puly aýarlar gara gün üçin» diýen nakyly Magtymguly «Şal tapsa» atly şygrynda şeýle beýan edýär:

Ak puly saklarlar gara gün üçin,
Hoş gezerler, gyzyl, ýaşyl, al tapsa.

Zerur bolan wagty kosenmezlik ucin harajatyň bar wagty, ony tygşytly tutmagy, ätiýaçly bolmaklygy ündeýan bu gadymy türkmen nakylyny Lutfy oz gazalynda şeýle görnüşde ulanypdyr:

Pyrakyňda döker men ýaş nakdyn,
Gara günler üçindir ak ýarmak[2].

Beýtde agzalýan «ýarmak» sözi gadymy türkmen dilinde puly aňladýar. «Nakt» sözi bolsa häzirki zaman türkmen dilindäki «nagt» sözünün gadymy görnüşidir. Beýtde umumy manysy şunuň ýaly: puluňy ätiýaç üçin saklamaly, kän harçlamaly diýilýär. Emma şahsy derejede, şahyryň pikirine görä, ol ýörelgäni goýup, senden aýralykda (pyrakyňda) gözýaşyny aýamadan (nagt) döküp ýöränini aýdýar.

Magtymguly akyldaryň «Läle getirmiş» atly şygrynda şeýle setirler bar:

Owwal akan ýerden akarmyş aryk,
Men-menlik edeniň tanapy çüýrük[3].

Şu ýerdaki, durmuşda her bir zadyň öz ýoly-ýörelgesi bolýar, hatda ynsan balasy hem ata-babasynyň häsiýetine, hunärine eýerýär, ony dowam edýär diýen pikiri öňe sürýän «Ozal akan ýerden akarmyş aryk» diýen göçme manyly atalar sözüni Lutfy şahyr oz şygrynda şeyle gornüşde getiripdir:

Duýar men gözge görsem aryzyňny,
Ki diýrler: «Akgan arykga akar suw»

Şunuň bilen birlikde, Magtymguly şahyr türkmen diliniň gadymy baýlyklaryny örän ýerlikli ulanypdyr. Emma şol gadymy sözlerdir gaýry dil serişdeleriniň manysy şygyr setirlerinde açylypdyr, düşnükli görnüşde beýan edilipdir. Meselem, «Är ýanynda bellidir» diýen şygrynda şahyr şeýle diýýär.

Eger pir sen, eger ýaş,
Kylma syryň halka paş[4].

Şu setirlerde agzalýan «pir» sözüniň esasy manysy garry, goja ýa-da ýaşuly diýlip beýan edilýär. Aslynda, «pir» sözü sopularyň ýolbaşçysy ýa-da başlygy manysyny hem aňladýar. Häzirki zaman türkmen dilinde bolsa, bu söz esasan ýaşuly manysynda ulanylýar we şol sebäpli beýleki köne manylaryndan gaýdypdyr.

«Pir» sözüniň manysy has gadymy bolansoň, ol Lutfynyň gazallarynda-da duş gelýär:

Çehreden burkag alyňyz, kim ýigitlik çagynda,
Hasraty-didaryňyzdyr Lutfyny pir eýlegen.

Bu ýagdaý Magtymguly Pyragynyň özünden öň ýaşap geçen şahyr hökmünde Möwlana Lutfynyň döredijiligini içgin öwrenendigini, ondan täsir alandygyny görkezýär. Muňa garamazdan, bu iki şahyryň eserleriniň dilinde ep-esli tapawut bar, ýagny meňzeş dil baýlyklary bar diýip, iki şahyrdan hem mysal alanyňda, Magtymgulydan alnan mysal düşnükli bolup, Lutfydan alnan mysala bolsa düşündiriş bermeli bolýar. Munuň hem sebäbi, öňem belläp geçişimiz ýaly, Möwlana Lutfy has irki döwürde ýaşan şahyr. Şonuň üçin hem onuň eserlerinde häzirki zaman türkmen okyjysyna düşnüksiz, gadymy arap-pars sözleriň köpräk bolmaklygy kanunalaýyk ýagdaý[5].

Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasyndan görnüşi ýaly, türkmen nusgawy edebiýatynyň ösüşi boşluksuz dowam eden çuňňur döredijilik sungatydyr. Bu ösüşiň möhüm basgançaklarynyň biri hem Möwlana Lutfynyň döredijilik tejribesidir. Lutfynyň "Gül we Nowruz" ýaly poetiki eserlerinde beýan edilen ruhy arassalyk, diňläniň kalbyna ornaşýan yşk pelsepesi, agzybirligi, döwlet gurluşy, parahatçylyk baradaky beýik ideýalar Magtymguly Pyragy ýaly beýik akyldaryň dünýä garaýşynda täzeçe many beripdir. Şahyryň tematik dünýäsi bilen Lutfynyň edebi dünýäsindäki meňzeşlikler diňe beýleki bir şahyrdan täsirlenme däl-de, eýsem, halkyň ruhy-medeni mirasynyň dowamlylygynyň, söz sungatyndaky arabaglanyşygyň bardygynyň beýanydyr. Magtymguly Pyragynyň döredijilik äleminde Möwlana Lutfy diňe halypa şahyr hökmünde

[1] Magtymguly. Şygyrlar. – Aşgabat, 1992, birinji tom. – S. 38.
[2] Möwlana Lutfy Gazallar. – Aşgabat: Ylym, 2021. 61-sah.
[3] Magtymguly. Eserler ýygyndysy, çapa taýýarlan: Aşyrow A. – Aşgabat, 2012. – S. 357.
[4] Magtymguly. Eserler ýygyndysy, çapa taýýarlan: Aşyrow A. Aşgabat, 2012, S-124.
[5] Köňül gözgüsi. Magtymgulynyň 290 ýyllygyna bagyşlanan makalalar yygyndysy. A.: Turkmenistanyň Ylymlar akademiyasynyň Milli golyazmalar instituty, 2014, S-166-170.

däl, eýsem, edebiýatyň kemala gelmeginde möhüm ideýa çeşmesi bolup çykyş edýän beýik döredijilik akyldarydyr. Magtymgulynyň bize miras goýup giden edebi eserlerinde birnäçe tematikany gör**ýäris**. Şeýle hem şahyryň döredijiliginde birnäçe taryhy şahslar, folklor döredijiliginiň nusgalaryna duş gelmek bolýar[1].

Netijede, iki şahyryň arasynda duşuşýan tematik umumylyklar, obrazlar ulgamyndaky ýakynlyk, nakyllaryň we pähimleriň çeper ulanylyşyndaky meňzeşlikler – türkmen milli poeziýasynyň taryhy döwrebaplyk bilen dowam edýändigini, her döwürde täze mazmun bilen baýlaşýandygyny subut edýär. Magtymguly Pyragy bu edebi mirasy diňe dowam etdirmän, eýsem, täze derejesine ýetirip, bütin türki dünýä edebiýatynyň iň beýik dürdäneleriniň biri boldy.

Rezýuma. Bu makalada Magtymgulynyň döredijilik dünýäsiniň kemala gelmegine Lutfynyň edebi we ruhy täsiriniň aýratyn orun eýeleýändigi seljerilýär. Lutfynyň eserleriniň tematik aýratynlyklary, onuň liriki gahrymanlarynyň ruhy wezipesi, döwlet bitewiligini wagyz edýän ideýalary bilen Magtymgulynyň şygyrlarynda-ky pikirleriň arasyndaky meňzeşlikler açylyp görkezilýär. Şeýle-de, iki şahyryň söz baýlygynyň, nakyl we pähimleriniň döredijilik aýratynlyklary giňişleýin deňeşdirilýär. Makalada Lutfynyň we Magtymgulynyň poetik tejribesiniň diňe bir edebi täsir hökmünde däl-de, edebi gatnaşygy hökmünde dowam etdirendigi ylmy taýdan esaslandyrylýar. Şeýlelikde, şahyrlaryň döredijiligindäki ideýa-poetik bitewilik türkmen edebiýatyniň taryhy ösüşiniň möhüm basgançagy hökmünde bahalandyrylýar we bu barada gürrüň berlip analiz edilýär.

Rezyume. Ushbu maqolada Maxtimqulining ijodiy dunyosi shakllanishida Lutfiy ijodining adabiy va ruhiy ta'siri alohida o'rin tutishi tahlil qilinadi. Lutfiy asarlarining tematik xususiyatlari, uning lirik qahramonlarining ma'naviy vazifasi, davlat birligini targ'ib etuvchi g'oyalari bilan Maxtimquli she'rlaridagi fikrlar o'rtasidagi o'xshashliklar ochib beriladi. Shuningdek, ikki shoirning so'z boyligi, maqol va hikmatlaridan foydalanishdagi ijodiy xususiyatlari keng qamrovda taqqoslanadi. Maqolada Lutfiy va Maxtimquli poetik tajribasining nafaqat adabiy ta'sir sifatida, balki adabiy munosabat sifatida davom etgani ilmiy jihatdan asoslab beriladi. Natijada, shoirlar ijodidagi g'oya-poetik yaxlitlik turkman adabiyotining tarixiy taraqqiyotidagi muhim bosqich sifatida baholanadi hamda shu jihatlar tahlil qilinadi.

Resume. This article examines the special role of Lutfiy's literary and spiritual influence in the formation of Magtymguly's creative world. The thematic features of Lutfiy's works, the spiritual mission of his lyrical heroes, and the similarities between his ideas promoting state unity and the thoughts expressed in Magtymguly's poetry are revealed. In addition, the creative characteristics of both poets' vocabulary, as well as their use of proverbs and aphorisms, are compared in detail. The article provides scholarly justification for regarding the poetic experience of Lutfiy and Magtymguly as not only a literary influence but also a form of literary interaction. Consequently, the ideological and poetic unity in the works of these poets is evaluated as an important stage in the historical development of Turkmen literature and is thoroughly discussed and analyzed.

Резюме. В данной статье анализируется особая роль литературного и духовного влияния Лутфи в становлении творческого мира Магтымгулы. Раскрываются тематические особенности произведений Лутфи, духовная миссия его лирических героев, а также сходство между идеями, пропагандирующими государственное единство, и мыслями, отражёнными в поэзии Магтымгулы. Кроме того, проводится всестороннее сравнение словарного богатства, использования пословиц и афоризмов, а также творческих особенностей обоих поэтов. В статье научно обосновывается, что поэтический опыт Лутфи и Магтымгулы следует рассматривать не только как литературное влияние, но и как форму литературного взаимодействия. Таким образом, идейно-поэтическая целостность в творчестве поэтов оценивается как важный этап исторического развития туркменской литературы и подвергается детальному анализу.

[1] Jepbarowa S. Halk dessanlarynyň beýik şahyr Magtymguly Pyragy döredijiligine çeperçilik täsiri. Филологик тадқиқотлар: Тил, адабиёт, таълим. 2025. 1(1).– Б.49-52.